# Hyrydarly harytlar / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hyrydarly harytlar / satiriki hekaýa HYRYDARLY HARYTLAR

Ýaňy-ýakynda men kärhanalaryň birine bir işe bilen barmaly boldum. Ilkinji gabat gelen adam gapysyndaky garawuly Nowruz aga boldy.
— Nowruz aga, siziň kombinatyňyz täsin önüm öndürýärmiş diýip eşitdik-le?! — diýip, gyrçuw sakgally ýaşula sowal berdim. Ol käsesindäki çaýyny çalt-çalt owurtlap söze başlady:
— Bizmi, biz örän gerekli, juda derwaýys haryt çykarýarys. Galapyn gyş aýlarynda biz iş bilen gümra bolýarys. Ýaz, tomus, güýz pasyllary üçin önüm taýýarlaýarys. Biziň önümlerimiz saýlama sortdan geçýär. Zakaz üstüne zakaz, uly nobat. Ýöne biz harydymyz diňe edaraň üsti bilen berýäris. Nagt pula satamzok. Käbir ýeser ýolbaşçy öz jübüsinden töläbem aljak bolýar, beremzok. Siz beýleki bir kabinätdäki, ýagny başlygymyzyň jaýyndaky: «Tanyşlygyň ýoluna mina gömülgi!» diýlen ýazgyny okamadyňyzmy?! — diýip, Nowruz aga ýerinden turdy.
Ol elini uzatdy-da, äpişgeleriň birinden çaklaňja bir kitapçany aldy, daşynyň çaňyny süpürip:
— Inim, ynha biziň önümlerimiziň gysgaça spisogy. Oka-da göräý — diýip, ýaşuly ol kitapçany maňa berdi. Oturyp göz gezdirdim. Dogrudanam gowy önüm. Hyrydarly haryt. «Planyň gürrüňi bolmaz!», «Borçnamany hökman ýerine ýetireris!», «Söz berdiňmi, sözüňde-de tapyl, tapylmajak bolsaň gapyl!», «Ýarym ýyllygy üç aýda!», «Tebigatyň eçilerine garaşmarys, çünki biz gedaý däl, gaňryp alarys!», «Hek ederis!», «Nas ederis!», «Gazyk ederis!», «Arma, arsaň önmez norma!», «Azyk maksatnamasyny tiz ýerine ýetireris!» diýen harytlaryň belli bahasy ýok ahyry!
Men kitapçany okap oturyşyma arasynda dyngy berip, ýaşula

seretdim. Ol ýerinden turup, ýanyma geldi-de:
— Bütüki, biziñ güýze, gyşa deñiç hümer bolup alynýan önümlerimizdir — diýip, Nowruz aga ýañky kitapçany emaý bilen ýerinde goýdy.
— Indi sen käbir edaralaryñ güýzde, gyşda bize buýurdyp, pul düşäp alýan harytlary bilen tanyş bol — diýip, Nowruz aga ýene bir kitapça getirdi.
«Wah, howa şertleri amatsyz boldy-da!», «Gurluşyk materiallary wagty bilen gelip ýetmedi!», «Bizi bökdän zat zapas şaýlar!», «Kollektiwiñ inisiatiwasyna kembaha garapdyrys-da», ‘Silosymyz ýetmez öýtmändik!», «Täze hasylyñ düýbüni tutmak işine edil häziriñ özünde girişeris!», «Geçen ýyllaryñ kemçiliklerini sapak edineris!», «Azyk maksatnamasyny, aý, 90-njy ýyl daş-la!»
Men ikinji kitapçany ýaşula gaýtaryp berdim. Ol:
— Önümlerimiz gaty gowudyr görseñ, ylaýta-da soñky kitapçadakylaryñ üsti ölşük, gyrlym. Käbir kolhoz, sowhoz, gurluşyk, beýleki edara ýolbaşçylary ýañky önümleri, baý, alýarlar-a. Bize täze-täze görnüşlerini zakaz berýärler — diýdi.
Men Nowruz aga bilen hoşlaşdym.

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar